***Bagtyýar çagalygyň, iň arzyly islegleriň hasyl bolýan ýurdy hökmünde ykrar edilýän eziz Diýarymyzda ýaş nesiller aýratyn üns-alada bilen gurşalýar. Döredilýän giň mümkinçilikler, döwrebap şertler olaryň berk bedenli, sagdyn ruhly, giň gözýetimli, watansöýüji, ilhalar adamlar bolup ýetişmeklerinde örän uly ähmiýete eýedir. Şunda ýaşlaryň häzirki zaman derejesinde bilim almaklaryna, ylmyň soňky gazananlaryndan habarly, döwrebap tehnologiýalardan baş çykarýan ökde hünärmenler bolup ýetişmeklerine-de möhüm ähmiýet berilýändigini bellemek gerek.***

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaşlary ylym-bilime höweslendirmegiň hut çagalar baglaryndan başlanmalydygyny nygtaýar. Hormatly Prezidentimiziň degişli tabşyryklary esasynda, ýurdumyzda bu ugurda döwrebap özgertmeler, netijeli işler durmuşa geçirilýär. Bilim ulgamynda innowasion tehnologiýalardan peýdalanylyp, interaktiw usulda okuw-görkezme esbaplary, audio-wideo materiallary taýýarlamak we okuw işinde ulanmak giň gerime eýe bolýar. Bu bolsa çagalarda bilime söýginiň has körpeje wagtyndan başlanmagyna hem öz oňyn täsirini ýetirýär.

Mekdebe çenli bilim edaralarynda okuw sapaklaryny usuly taýdan dogry alyp barmak üçin, çagalar baglarynyň pedagogik işgärleriniň ulanýan her bir görkezme esbaby, elektron ýazgylary degişli okuw maksatnamasyna laýyklykda taýýarlanylyp, onda çagalaryň ýaş aýratynlyklary, ukyp-başarnyklary göz öňünde tutulmalydyr. okuw işlerini, öwrediji oýunlary innowasion tehnologiýalaryň kömegi bilen guramagyň peýdaly taraplary kändir. Emma çagalaryň sapagy özleşdiriş derejesiniň aýratynlyklaryny we isleglerini hem ünsden düşürmeli däl. Çagalaryň ýönekeý matematiki düşünjeleri öwrenmeklerini, özleşdirmeklerini gazanmak ilkinji hem-de zerur işleriň biridir. Bu olaryň akyl ýetiriş, pikirleniş ukybyny, ünsüni we ýatkeşligini ösdürýär. Netijede, bularyň barysy birleşip, çaganyň döredijilik başarnyklarynyň ösmegine getirýär.

Ýurdumyzda ýaş nesilleriň hut çagalar baglaryndan başlap döwrebap derejede bilim almaklary babatda taýsyz tagallalar edýän we bu ugurda ähli şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň hem-de Milli Liderimiziň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, tutumly işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Güljahan SÖÝÜNOWA,**
**Daşoguz welaýatynyň Garaşsyzlyk etrabynyň 12-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026